# Gözýetim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gözýetim GÖZÝETIM

Geçdi sanalgy gün, sagadym ýetip,
Barlykda barlygym bolansoň ykrar.
Ene mähri siňen gundagda ýatyp,
Ulaldy,
Kemala geldi bir ykbal.

Miwe bolmak pyntygyň gözýetimi,
Göreş ýollarydyr bolan aralyk.
Uly bolmak çaganyň gözýetimi,
Göreş ýollarydyr bolan aralyk.

Saldanly ýyllaryň münüp gerşine,
Geçdigiçe ömrüň uly ýodasyn.
Çagalygmy ýigitligme çalyşyp,
Berjaý etdim durmuşyň ber kadasyn.

Göreşlerde duýdum durmuş lezzetin
Gije ýalna, gündiz tüssä eňmedim.
Berende şu güni düýnki gözýetim,
Ertämiziň aýdymyny diňledim.

Ne ajaýyp erteleriň aýdymy!
Süýr depäme täç edinip götärin…
Gowşaklyk buz bolup taýdyrsa meni,
Ynamy çüý edip ädim ädýärin.

Maksadym Ýer ýüzün gülledip gitmek,
Ýag ýaly ýumşatmak bolşun göwünleň.
Eýsem erteleriň hyzmatyn etmek
Wezipesi dälmi şu günki günleň?

Abdyreşit TAŞOW. Goşgular